# Yrakdan yrak!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Yrakdan yrak! YRAKDAN YRAK!

Öz erkini öz eline almaga,
Galkdy arap halky, galkdy göreşe.
Kimiň haky barmyş öňün almaga,
Adamzat el çarpýar hakly ýöreşe!
Galkdy arap halky, galkdy göreşe.

Eý ýurtbasar jenap, ganly leşgerňi
Gözi gara äýnekli çekirtgelerňi
Yrakdan yrak çek, yrak çek, yrak!
Çek Liwandan, tiziräk çek, tiziräk,
Yrakdan yrak çek, yrak çek, yrak!

Saňa adalatyň buýrugy şeýle,
mülke gyzma mülk eýesi bolmasaň.
Leşgerňi yrakdan tiziräk saýla,
Dünýä bogar dünýä gulak salmasaň,
mülke gyzma mülk eýesi bolmasaň.

Arap halky galkýar – bu gözel galkym,
Arap halky, gutly bolsun göreşiň!
Arka durýar saňa mert sowet halkym,
Şowly bolsun seň taryhy ýöreşiň,
Arap halky, gutly bolsun göreşiň!

Gara SEÝITLIÝEW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1958 ý. Goşgular